TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

jümmüşine aralaşýar, onuň zeruryýetliklerinden ugur alýar. Magtymgulynyň döredijiliginde durmuşy goşgular esasy orunlaryň birini eýeleýär. Ol çilim çekmek, nas atmak, ogurlyk, nähak gan dökmek ýaly pis häsiýetlere garşy göreş alyp barypdyr. Özüniň goşgularynda olary rehimsiz ýazgarypdyr. Şol göreşde çeper dili ýarag hökmünde ulanypdyr. Magtymguly ýaman häsiýetleri ýazgarmak bilen erbetlikleri dini düşünjeleriň üsti bilen tertibe salmaga synanyşypdyr. Magtymguly ýaramaz häsiýetlere garşy göreşmek temasyny edebiýatda giň möçberde işläp wagyz eden şahyrdyr. Şahyr gelin-gyzlaryň edepli, päkize, mylaýym bolmagyny isläpdir, ata-enäni sylamaýan, hapysa gelin-gyzlary pisläpdir. Şahyryň döredijiliginde adamlarda oňat häsiýetleri terbiýelemekde uly orny öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlar tutýar. Bu temadan Magtymguly «Janyna degmez», «Durasyň geler», «Ýör biläni», «Il ýagşy», «Zor bolar», «Bolar sen», «Aýrylma» ýaly onlarça şygyr ýazypdyr. Şahyr bu goşgularynda döwürdeşlerine asylly terbiýe bermek, olaryň mert, ar-namysly bolmaklaryny nesihat edip, binamyslary we namartlary ýaňsa alypdyr [5].

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. – A.: TDNG, 2008.
2. *Magtymguly* – ylham çeşmesi. – A.: TDNG, 2014.
3. Sözüm saňa, Pyragy. A.: TDNG, 2014.
4. *Magtymguly*. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2014.
5. Türkmen ruhunyň almaz täji. (Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy). – A.: TDNG, 2014.
6. *Magtymguly*. Şygyrlar. – A., 1992.
7. *Mustakow R.* Magtymguly we gündogar edebiýaty. – A.: TDNG, 2014.



**Mährijemal Mämmedowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy*


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ YNSANPERWER GARAÝYŞLARYNYŇ TÜRKMEN BITARAPLYGYNDA ŞÖHLELENIŞI

Her bir halkda iki başlangyç mydama biri-biri bilen berk baglanyşykda ýüze çykýar. Olar, birinji tarapdan, milli ruhuň we milli aňyň durmuş bilen baglanyşyklygydyr, ikinji tarapdan, beýleki halklaryň ýagdaýyna akyl ýetirmek, olaryň gymmatlyklaryny özleşdirmekdir [1].

Häzirki döwürde milli we umumadamzat ruhy-medeni gymmatlyklar jemgyýetiň sazlaşykly ösmegini kesgitleýän esasy ölçeglere öwrüldi. Şol ölçeglerden ugur alyp, biziň edermen halkymyzyň ençeme asyrlaryň dowamyndaky durmuş tejribesine daýanmak bilen, biz özboluşly ruhy däplerimizi ösdürmegi dowam edýäris we onda jemgyýeti has-da kämilleşdirmegiň möhüm şertini görýäris.

Islendik döwletiň daşary syýasaty içeri syýasatyndan aýrylmazdyr. Bu dialektiki özara baglanyşygynda ol ýa-da beýleki ýurduň dünýä möçberinde yglan edýän maksatlaryna we hakyky hereketlerine, onuň daşary syýasat ugruna düşünmegiň açary bolup durýar. Jemgyýetde, durmuşda parahatçylygy söýüji, ylalaşyk, tolerantlygy we ynsanperwer ýörelgelerini yglan edip we durmuşa geçirip, türkmen döwleti bu düşünjeleri daşky dünýä bilen özara gatnaşyklarynda peýdalanýar. Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň ideologiýasy bu babatda onuň logiki dowamy we türkmen halkynyň gowy aýratynlyklaryny – alamatlaryny häsiýetlendirip, içki döwlet gurluşynyň mäkäm ahlak sütünine daýanýar.

Magtymguly atamyzyň türkmen ýoluny mukaddes tutmak wesýeti, türkmen milletiniň jebisligi, bitewüligi barada ençeme öwüt-ündewleri beýan edýän şygyrlary bize gymmatly hazyna hökmünde miras galypdyr. Bu hazynanyň dürden gymmatly öwüt-ündewlerine syn etsek, onda milletimize buýsanç, guwanç duýgusy her bir türkmeniň kalbyny gyzyl kimin çaýýar. Şahyr türkmen topragynyň mukaddesligini, keramatyny «Türkmeniň» atly şygrynde şeýle beýan eýär:

*Hak sylamyş bardyr onuň saýasy,*
*Çyrpynyşar çölünde neri-maýasy,*
*Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,*
*Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň.*

Eger türkmen milletiniň internasional duýgusyny beýan etmek gerek bolanda, onda Türkmenistan ýöne bir türkmen ýurdy, Watany bolman, tutuş ondaky raýatlaryň – aramyzda ýaşaýan beýleki doganlyk halklaryň beýik maksatlarynyň, arzuw-islegleriniň durmuşa geçýän ýurdudyr. Türkmen milleti bir ojagyň, bir saçagyň başyna jem bolan halkdyr. Bu ynsanperwer hereket, ahwalat biziň günlerimizde hem dowam edip, ol, esasan hem, türkmen döwletiniň özboluşly daşary we içeri milli syýasatynda döwrüň talaplaryna, aýratynlyklaryna laýyklykda has-da aýdyň ýüze çykýar. Ýeri gelende, Türkmenistanyň öz çäginde ýaşaýan dürli milletden bolan halklaryň doganlyk-dostlugynyň has hem pugtalanýandygyny bellemek bolar.

*Tireler gardaşdyr, urug ýarydyr,*
*Ykballar ters gelmez, Hakyň nurydyr,*
*Mertler ata çyksa, söweş sarydyr,*
*Ýow üstüne ýörär ýoly türkmeniň.*

Beýik Magtymgulynyň eserleri ynsansöýüjilik ruhy bilen ýugrulan pikirlerinde adamkärçilik düşünjesiniň çygry juda giň bolup, ol gylyk-häsiýetiň, edepliligiň, ahlak sypatlarynyň özara baglanyşykly bolan örän köp talaplaryny özünde jemleýär. Oňa watanperwerlik, ynsanperwerlik, myhmansöýerlik, dostluk, hoşniýetlilik, borçlulyk, işjeňlik, kanagatlylyk, dogruçyllyk, wepalylyk, jogapkärçilik, sadalyk, sypaýylyk, akgöwünlilik, pespällik, halallyk, tutanýerlilik, zähmetsöýüjilik, birek-birege goldaw bermek ýaly ahlaklylyk sypatlary türkmen bitaraplygynda şöhlelenýär.

Türkmen halky myhmansöýer halk. Myhmanparazlyk – türkmeniň ata-baba gadymdan gelýän asylly däbi. Halk tarapyndan myhman hakda, oňa edilmeli adamkärçilik hakda gymmatly pikirler döredilipdir. «Myhman ataňdan uly» diýen pähim halkyň myhmana biçak uly sarpa goýup gelendiginiň alamaty. Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary ýaýbaňlandyrmakda türkmeniň myhmansöýerlik ýaly beýik häsiýeti barada Döwletmämmet Azady hem özüniň «Wagzy-azat» kitabynda myhmany açykgöwünlilik bilen garşylamagyň özi asylly häsiýetdigini belleýär. Magtymgulynyň «Göze myhmandyr» atly goşgusynda:

*Gelen aş diýip gelmez, turşutmagyl ýüz,*
*Nana mätäç däldir, söze myhmandyr –*

ýa-da «Meýdan ýoluksa» atly goşgusynda:

*Mert çykar myhmana güler ýüz bile,*
*Namart özün gizlär myhman ýoluksa.*

– diýen setirlerde hoşniýetlilik bilen barşyp-gelişmegiň, aragatnaşyk etmegiň, birek-biregiň sarpasyny saklamagyň, gerek ýerinde maddy we ruhy goldaw berip durmagyň alamatyny beýan edýär. Şahyryň «Zor bolar» goşgusyndaky:

*Öýüne barsaňyz, bir binyýazyň,*
*Göwresi gysylar, köňli dar bolar.*

– diýen setirlerinde myhmana sarpa goýmaýan adamlar köpçülik tarapyndan ýazgarylypdyr, husytlykda aýyplanypdyr, ýaňsylanypdyr, şeýlelikde oňa oňyn täsir etmek göz öňünde tutulypdyr.

Paýtagtymyz Aşgabat şäheri halkara maslahatlaryň, netijeli duşuşyklaryň, syýasy gepleşikleriň, giňişleýin pikir alyşmalaryň geçirilýän merkezine öwrüldi. 2007-nji ýylda biziň döwletimiz hyzmatdaşlyk döwri ähli Merkezi Aziýa döwletleriniň bähbitlerine gabat gelýän BMG-niň ýöriteşdirilen gurluşyny döretmek başlangyjyny öňe sürdi. Şunlukda, BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açyldy. Giň hyzmatdaşlyklar üçin ýurdumyzyň ähli künjeginde «Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2022–2052-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasyna» laýyklykda myhmanhanalaryň gurluşygy ýokary derejede alnyp barylýar. Bu bolsa ýurdumyzyň hoşniýetli bitaraplyk we «Açyk gapylar» syýasatynyň üstünlikli iş ýüzüne geçýändiginden habar berýär.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň il-ýurt bähbitli hem-de öňdengörüjilikli başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän Arkadagly Serdarymyzyň dünýä we sebit syýasatynyň derwaýys ugurlary boýunça iri halkara başlangyçlary bilen yzygiderli çykyş edýär. Hususan-da, gürrüň Orta Aziýa we Hazar sebitlerinde hoşniýetli goňşuçylyk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmek, gapma-garşylyklarynyň öňüni almak we olaryň çozülmegine işjeň gatnaşmak, Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly we syýasy ýollar bilen kadalaşdyrmak, bu ýurdy durmuş-ykdysady taýdan dikeltmäge ýardam bermek hakynda barýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň strategiki ugry hökmünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek meselelerine işjeň gatnaşmak bolup durýar. Bu ýöne ýerden däldir, sebäbi howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek durnukly ösüş boýunça global meseleleriň tutuşlaýyn toplumyny çözmegiň hökmany şerti bolup durýar. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda global howpsuzlygyň häzirki zaman ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýän aýgytlaýjy faktorlaryň özara bölünmezligine esaslanýan bir bitewi ulgamdygy baradaky konseptual ideýany öňe sürdi. Şu jähetden, ol faktorlar ykdysady energetiki, ekologiki, azyk, gumanitar we beýleki meseleleriň çözülmegini, şeýle hem parahatçylygyň we özara ylalaşykly ýaşamagyň milli, sebit derejelerinde hem üpjün edilýär. Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary esasynda umumadamzat ähmiýetli durmuşa geçirýän işleri halkyň alkyşyna mynasyp bolýar. Şahyryň «Zor bolar» goşgusynda:

*Ýagşylykda özün ile tanadan –*
*Alkyş alyp, derejesi zor bolar.*

Şäherdir obalarda gurulýan durmuş maksatly binalar halkyň hyzmatynda. Bu gün asuda asmanymyzda uçýan ak kepderiniň parahatçylygyň nyşanydygy hemmämize-de mälimdir.

Milli häsiýetler şahyrana döredijiligiň geljegi bar bolan, halkyň medeni derejesiniň öňe tarap ösüşiniň kanuny hereketi duýulýan eserlerde hem jemlenýär. Hakyky ussat öňe, geljege seretmegi, wagtyň perdesinden aňryny görmegi başarýan döredijilik adamydyr. Hiç wagt hümmeti egsilmejek, dürdäne hazynany halkyna miras goýan dana akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň:

*Hydyr gezen çölde iller ýaýylsyn,*
*Ýurt binamyz gaýym bolsun, gurulsyn.*

– diýen setirleri-de, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň barha nurlanýan ajaýyp keşbinde özüniň ebedilik beýanyny tapdy [3].

## EDEBIÝAT

1. Syýasat we jemgyýet. – A., 2013, №1.
2. Garagum. – A., 2012, №3.
3. Zenan kalby. – A., 2012, №5.